***Döwlet Baştutanymyzyň medeni diplomatiýasy Bitarap Türkmenistan bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky ata-babalarymyzyň taryhy-medeni mirasyny dünýäde wagyz etmek boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegiň täze gözýetimlerini açýar. Onuň nobatdaky üstünligi — türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleriniň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi dünýäde uly seslenme tapyp, belent buýsanja beslenýär.***

Gadymy hem inçe sungatyň — türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleriniň adamzat gymmatlygy hökmünde abraýly sanawa goşulandygy baradaky hoş habar ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk toýuna ajaýyp sowgat boldy. Bu çözgüt şu ýylyň 8 — 13-nji dekabry aralygynda Hindistan Respublikasynyň Nýu-Deli şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça hökümetara komitetiniň 20-nji mejlisiniň dowamynda kabul edildi. Türkmenistanyň başlangyjyny komitetiň 24 agzasy biragyzdan goldady. Türkmen halkynyň arassa tohum alabaýlary ösdürip ýetişdirmekde ençeme asyrlaryň dowamynda toplan baý tejribesiniň halkara derejede ykrar edilmegi we belent sarpalanmagy şanly ýylyň möhüm wakalarynyň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, ÝUNESKO häzirki dünýäde halklaryň tagallalaryny ygtybarly we tüýs ýürekden goldamagy üpjün etmek üçin diňe bir Hökümetleriň arasyndaky syýasy-ykdysady ylalaşyklaryň ýeterlik däldigini tekrarlaýar. Ygtybarly parahatçylygy diňe medeni dialogyň we özara düşünişmegiň, şeýle hem adamzadyň aň-bilim we ahlak taýdan raýdaşlygynyň esasynda gazanyp bolar. ÝUNESKO-nyň bu garaýyşlary Türkmenistanyň medeni diplomatiýasynyň esasy wezipeleri bilen sazlaşykly utgaşýar.

Milli medeniýetimiziň aýrylmaz bölegi bolan türkmen alabaý itlerine aýratyn sarpa goýýan Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, milli mirasymyzy gorap saklamak, dikeltmek we dünýä ýaýmak babatda durmuşa geçirýän işleri hemişe rowaç alsyn!

**Senemgül ALLAKOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

Все права защищены